**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

# Balkan welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi

**“Buhgalterçilik hasaba alnyşy”, “Maliýe we karz”, “Ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş” hünärleriniň II ýyl talyplary üçin**

**“TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞY”**

**dersiniň**

# IŞ MAKSATNAMASY

Serdar – 2021ý.

**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

# Balkan welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi

**"Tassyklaýaryn"**
Direktor_________ Ý.Bozjanow.

"_____"___________2021 ý.

**"Buhgalterçilik hasaba alnyşy", "Maliýe we karz", "Ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş" hünärleriniň II ýyl talyplary üçin**

**"TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞY"**
**dersiniň**

## IŞ MAKSATNAMASY

**Maksatnamany düzen :mugallym Nyýazberdiýewa D**
Direktoryň orunbasary : ___________
Meretgulyýew K.
Okuw bölüminiň hünärmeni :
___________Çeperalyýewa D.

# Düşündiriş ýazgysy

Hormatly Prezidentimiziň “Türkmenistanyň durmuş ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy” diýen kitaby esasynda bu ýerde adybir ders okadylýar.

Çuňňur ylmy esasda we şu ugurdaky dünýä tejribelerini nazara almak netijesinde ýazylan bu kitapda hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ösüşi üçin saýlap alan ykdysady ugry giňişleýin beýan edilýär.

Kitaby okap başlanyňdan, ýurdumyzdaky ählitaraplaýyn ösüşleriň özeni hökmünde uzak geljegi nazarlaýan, durmuşa gönükdirilen iň kämil ykdysady ýörelgäniň saýlanyp alnandygyna, her bir zadyň anyk we aýdyň beýan edilýändigine, ajaýyp döwrümiziň ylmy esas-larynyň bu kitapda jemlenendigine göz ýetirýärsiň. Esasan-da, ykdysadyýeti kadalaşdyrmakda haýsy tarapa uly orun bermek meselesi – söwdagärlerdir, hususyýetçilerileremi ýa-da döwlete uly ornuň degişlidigi hakdaky pikirler gozgalýar.

Hormatly Prezidentimiziň bu kitabynda şol ugurlaryň ählisi hakynda jikme-jik maglumatlar berilýär, her biriniň öňe süren baş ideýalary we şol pikirler esasynda durmuşa ýüze çykan ýagdaýlar, gelnen netijeler beýan edilýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiziň bu ylmy taglymatynyň ähmiýeti barha ýokarlanýar. Sebäbi, bu kitapda ajaýyp döwrüň durmuş-ykdysady ösüşiniň ylmy esaslary jemlenýär.

Bu okadylýan ders “Bank işi we banklar”, “Maliýe” , “Kärhananyň maliýesi” , “Döwlet býujeti” , “Salgytlar we salgyt salmak” , “Makroykdysadyýet” we beýleki ykdysady dersler bilen arabaglanşyklydyr.

Bu dersiň nusgalyk okuw maksatnamasy Türkmenistanyň maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdepleri üçin niýetlenilýär.

**“Buhgalterçilik hasaba alnyşy”, “Maliýe we karz”, “Ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş”** hünärler üçin II ýyllyk talyplarynda “**TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞY**” dersi boýunça okatmaly sagatlaryň möçberi.

| **Okuw Ýyly** | **Ýarym ýyl** | **Sagatlaryň jemi sany** | **Şol sanda** | | **Hasap** | **Synag** |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | **Umumy sapak** | **Amaly sapak** | | |
| 2 | 4 | 56 | 28 | 28 | - | 4 |

**“TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞY”** dersi boýunça okuw sagatlarynyň paýlanyşy.

| **T/b** | **Sapagyň ady** | **Jemi** | **Şol sanda** | |
|---|---|---|---|---|
| | | | **Umumy sapak** | **Amaly Sapak** |
| 1. | Milli ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyryş-ynyň nazaryýet we tejribe esaslary. | 4 | 2 | 2 |
| 2. | Türkmenistanda durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelmegi-niň we ösdürilmeginiň ileri tutmalary. | 4 | 2 | 2 |
| 3. | Häzirki zaman Türkmenistanda durmuşa geçirilýän makroykdysady kadalaş-dyryş çäreleriniň netijeliligi. | 4 | 2 | 2 |
| 4. | Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň diwersifikasiýalaşdyrmak işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi. | 4 | 2 | 2 |
| 5. | Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty. | 4 | 2 | 2 |
| 6. | Döwletiň salgyt-býujet syýasaty. | 4 | 2 | 2 |
| 7. | Pul dolanyşygynyň we karzyň döwlet kadalaşdyrylyşy. | 4 | 2 | 2 |
| 8. | Daşary ykdysady syýasatyň kämilleşdirilmegi. | 4 | 2 | 2 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 9. | Agrosenagat toplumynyň döwlet kadalaşdyrylyşy. | 4 | 2 | 2 |
| 10. | Harytlar we hyzmatlar bazaryny düzgünleşdirmek. | 4 | 2 | 2 |
| 11. | Durmuş syýasaty we zähmet gatnaşyklary. | 4 | 2 | 2 |
| 12. | Ykdysadyýetiň hususy ulgamynyň döwlet kadalaşdyrylyşy we institusional özgertmeler. | 4 | 2 | 2 |
| 13. | Sebitler babatda ýöredilýän syýa-sat. | 4 | 2 | 2 |
| 14. | Durmuş şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelýän şertlerinde döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň öňdebaryjy ýollary. | 4 | 2 | 2 |
| | **Jemi** | **56** | **28** | **28** |

## TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞINIŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞY dersiniň umumy okuwlarynyň temalarynyň mazmuny

## 4-nji ýarymýyl.

**1-nji tema. Milli ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyryşynyň nazaryýet we tejribe esaslary.**

Döwletiň ykdysady roly: taryhy jäht. Häzirki zaman döwlet kadalaşdyryşynyň nazaryýet jähtleri. Ykdysadyýeti döwlet kadalaşdyryşynyň maksatlary we usullary. Döwletiň roly we wezipesi.

**2-nji tema. Türkmenistanda durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelmeginiň we ösdürilmeginiň ileri tutmalary.**

Durmuşa gönükdirilen garyşyk görnüşli bazar ykdysadyýetiniň manysy we ýüze çykmagynyň görnüşleri. Hojalygy ýöretmegiň üýtgeýän döwründe Türkmenistanyň ykdysady syýasaty we durmuşa gönükdirilen ösüşiň şertleri. Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň durmuşa gönükdirilişi.

**3-nji tema. Häzirki zaman Türkmenistanda durmuşa geçirilýän makroykdysady kadalaş-dyryş çäreleriniň netijeliligi.**

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň häzirki ýagdaýy we geljekki ösüşiniň esasy ugurlary. Türkmenistanyň ykdysadyýetini maliýe taýdan üpjün etmekde güýçli döwletiň

bolmagynyň ähmiýeti. Döwleti makroykdysady düzgünleşdirmegiň zerurlygy. Döwletiň uzakmöhletleýin maksatlaryny makroykdysady taýdan düzgünleşdirmek işi.

**4-nji tema. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň diwersifikasiýalaşdyrmak işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi.**

Bütindünýä çökgünligi şertlerinde Türkmenistanyň amala aşyrýan umumydöwlet syýasy strategiýasy. Gurluş we innowasiýalar syýasaty. Gurluş syýasaty. Innowasiýalar syýasaty.

**5-nji tema. Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty.**

Ykdysadyýetiň ösmeginde maýa goýum syýasatynyň tutýan orny we maýa goýumlaryny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri. Maýa goýum syýasatynyň esasy ýörelgeleri, maksatlary we meseleleri. Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty we ony amala aşyrmagyň mehanizmleri.

Daşary ýurtly maýadarlaryň we daşary ýurt maýalary bolan kähanalaryň işiniň hukuk üpjünçiligi. Daşary ýurtly maýadaryň hukuklary we borçlary. Daşary ýurtly maýadarlara berilýän ýeňillikler we aýratyn hukuklar. Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky kärhanalaryň resmi taýdan döwlet bellige alynmagynyň tertibi.

**6-njy tema. Döwletiň salgyt-býujet syýasaty.**

Döwlet býujeti we salgyt ulgamy. Türkmenistanyň salgyt-býujet ulgamynyň häzirki zaman ýagdaýy.

**7-nji tema. Pul dolanyşygynyň we karzyň döwlet kadalaşdyrylyşy.**

Döwletiň pul-karz ulgamy. Pul dolanyşygy. Türkmenistanyň bank ulgamynyň ösüşi. Häzirki zaman pul-karz syýasatynyň esasy ugurlary. Karz kadalaşdyrylyşy. Türkmenistanda lizingiň öşüşi.

**8-nji tema. Daşary ykdysady syýasatyň kämilleşdirilmegi.**

Daşary ykdysady syýasatyň manysy. Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Dünýä hojalygynyň globalizasiýasy şertlerinde Türkmenistanyň ykdysady howpsuzlygy.

**9-njy tema. Agrosenagat toplumynyň döwlet kadalaşdyrylyşy.**

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň agrar ulgamynyň döwlet kadalaşdyrylyşynyň esasy ugurlary. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň agrosenagat toplumynyň işini düzgünleşdirmegiň guramaçylyk meseleleri.

Ýeri kärendesine almak we kärendeçiler. Agrar ulgamynda amala aşyrylýan salgyt syýasaty.

**10-njy tema. Harytlar we hyzmatlar bazaryny düzgünleşdirmek.**

Hyzmatlar ulgamynyň mazmuny. Döwlet hyzmatlar ulgamynda ilata edilýän hyzmatlar. Döwlet gullukçylarynyň ulgamyna häsiýetnama. Hyzmatlary maliýeleşdirmegiň esasy çeşmeleri we hyzmatlaryň Jemgyýetçilik ähmiýeti

**11-nji tema. Durmuş syýasaty we zähmet gatnaşyklary.**

Bazar ykdysadyýetinde durmuş syýasatynyň nazary esaslary we durmuş syýasaty düşinjesi, onyň wezipeleri, maksatlary hem mazmuny. Döwlet ykdysadyýetini ösdürmekde durmuş syýasatynyň tutýan orny we durmuş syýasatynyň Türkmenistanda amala aşyrylyşy.

Durmuş ulgamyndaky özgertmeler we zähmet gatnaşyklarynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi. Zähmet bazary we ilatyň iş bilen üpjünçiligini netijeli guramak, işçi güýjüniň hilini ýokarlandyrmak we onuň bäsdeşlik ukybyny artdyrmak. Zähmet gatnaşyklarynyň hukuk kadalaşdyrylyşy we töwerekdäki gurşawyň goragy babatyndaky döwlet kadalaşdyrylyşy.

**12-nji tema. Ykdysadyýetiň hususy ulgamynyň döwlet kadalaşdyrylyşy we institusional özgertmeler.**

Institusional ösüş we emläk gatnaşyklarynyň kämilleşdirilişi. Türkmenistanda döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary.

Kiçi we orta telekeçilige döwlet goldawyny bermegiň baş ugurlary. Döwlet eýeçiligindäki emlägiň hususylaşdyrylyşy we kärendesine berlişi.

**13-nji tema. Sebitler babatda ýöredilýän syýasat.**

Sebitler babatdaky döwlet syýasatynyň düýp özeni we maksatlary. Türkmenistanyň sebitler babatdaky syýasatynyň esasy ugurlary.

**14-nji tema. Durmuş şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelýän şertlerinde döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň öňdebaryjy ýollary.**

Döwletiň ileri tutýan ugurlarynyň strategik meýilnamalaşdyrylyşy. Döwlet maksatnamalary. Çaklaýşyň nazary (teoretiki) jähtleri. Isleg faktorlaryny ulanmak bilen, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşini modelirlemegiň ugurlary.

# EDEBIÝATLAR

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. 1-nji tom. Aşgabat, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2008.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. Aşgabat, 2008.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. Aşgabat, 2009.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2009.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 3-nji tom. Aşgabat, 2010.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I,II tom. Aşgabat, 2010.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 4-nji tom. Aşgabat, 2011.
10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 5-nji tom. Aşgabat, 2012.
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 6-njy tom. Aşgabat, 2013.
12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 7-nji tom. Aşgabat, 2014.
13. Gurbanguly Berdimuhamedow. Bitarap Türkmenistan. Aşgabat, 2015.

14. Gurbanguly Berdimuhamedow. Paýhas çeşmesi. Aşgabat, 2016 ý
15. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2016 ý
16. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. 2017 ý.
17. Türkmenistanyň Raýat Bitewi Kanuny. Aşgabat, 1998.
18. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi Kanuny. Aşgabat, 2004.
19. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi. Aşgabat, 2009.
20. Türkmenistanyň ilaty durmuş taýdan goramak hakynda Kodeksi. Aşgabat, 2012.
21. Türkmenistanyň Býujet Kodeksi. Aşgabat, 2014.
22. “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, säherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy”. Aşgabat, 2007.
23. “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy”. Aşgabat, 2010.
24. “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, säherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasy”. Aşgabat, 2015.
25. “Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamsy”. Aşgabat, 2011.
26. “Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamsy”. Aşgabat, 2011.